AMANGÜL DURDYÝEWA,
TYA-nyň Milli golýazmalar
institutynyň esasy ylmy işgäri,
filologiýa ylymlarynyň kandidaty

MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA AHLAK ÝÖRELGELERI

Beýik söz ussadynyň çeper döredijiliginde ynsanyň ahlak ýörelgelerini öz içine alýan öwüt-ündew häsiýetli şygyrlary ep-esli orny eýeleýär. Akyldar şahyr adamlaryň hoşsözli, hoşgylaw bolmagyny ündäpdir. Muny onuň «Sözi geçer janyňdan» atly şygryndaky:

Bir ýaman söz jana ýylan dişidir,
Soksa, zähri asan çykmaz iniňden[1]

– diýen dana setirleriniň mysalynda hem düşündirmek bolýar. Bu setirler ata-babalarymyzyň pähimi bilen döredilen «Ýagşy söz ýylany hinden çykarar» diýen nakyly biygtyýar ýadyňa salýar.

Sözüň gudratyna göz ýetiren akyldar ýerlikli, jaýdar, jüpüne düşen sözleriň her bir zatdan rüstemdigine göz ýetiripdir. Bu barada şahyryň:

Gep aňyp, görende gizlän,
Akyldyr – iş soňun gözlän,
Gepin tapyp, ýagşy sözlän,
Misli dür saçan ýalydyr[2] – diýen bendindäki pikirini:

Söz manysyn aňmaz adam,
Bir guýruksyz ite meňzär[3] – kimin setirleriň üsti bilen berkidýär.

Akyldaryň eserlerinde öňe sürülýän meseleleriň biri-de syr saklamaklykdyr. Ol her bir öýüň syry, işleýän iş ýeriň syry, gatnaşyk edýän dost-ýarlaryň syry, ylaýta-da, Watan syry ýaly onlarça ahlak kadalaryny, meseleleri öz içine alýar.

[1] Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I jilt, Aşgabat, MGI. 2013, 486 s.
[2] Şol ýerde, I jilt, 275 s.
[3] Şol ýerde, I jilt, 262 s.

Içki syryň aýtma her bir namarda,
Syryň ile ýaýyp, paş eder seni,[1]

ýa-da:

Magtymguly, syryň gizle,
Her namarda paş bolmasyn[2],

ýene-de:

Bir syryňy aýtsaň, içde ýatyrmaz,
Syrdaş olma, ýyrak eýle özüňi.[3]

Şeýle ahlak ýörelgeleri şahyryň islendik şygrynyň mysalynda yzarlamak bolýar.

Hünär, kesp-kär edinmek ynsan üçin iň bir zeruryýetçilikleriň biridir. Onsuz ýaşaýşy göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Danalaryň gürrüňine salgylananymyzda, bir adam gije-gündiz namaz okamak bilen meşgullanyp, hiç bir kär edinmändir. Bir dana ondan «seniň käriň näme?» diýip soranda, ol gije-gündiz hamdy-sena bilen meşgullanýandygyny aýdypdyr. Akylly dana «namaz okamak, ol seniň parzyň, ol hünär däl ahyryn, sen hünär edin» diýip, öwüt-ündew beripdir. Ol adam pikirlenip, dogrudan hem diňe namaz okap, gün-güzeran dolandyryp bolmaýandygyna düşünip, bir demirçi ussadan tälim alyp, belli ussa bolup ýetişipdir. Ine, şu pikirlere aňryýany bilen düşünen akyldar şahyr: «Ýok döwletden ýegdir, bolsa bir hünär»[4] diýip ündäpdir.

Pederlerimiz kesp-käriň zerurlygyny nygtamak bilen «ýigide müň dürli hünärem azdyr» diýipdir.

Beýik ussat şahyrçylygyň daşyndan zergärçilik sungaty bilen hem meşgullanypdyr. Şahyr bu hünärini:

Meňli gyzyň ýüzügine,
Gaşlar goýsam kümüş bile[5] –

diýen setirleriniň üsti bilen özi äşgär edýär.

---

[1] Şol ýerde, I jilt, 498 s.
[2] Şol ýerde, I jilt, 249 s.
[3] Şol ýerde, I jilt, 496 s.
[4] Şol ýerde, I jilt, 487 s.
[5] Şol ýerde, I jilt, 178 s.

Ussat şahyryň döredijiliginde aýal-gyzlara hormat goýmak ýaly gözel ahlak häsiýetleri hem uly orun alypdyr. Muňa onuň öz magşugy Meňlä, uýasy Zübeýda bagyşlap düzen şygyrlarynyň mysalynda göz ýetirmek bolýar. Şahyr şygrynda:

Magtymguly gözlerime
Ýeke Meňli han görüner[1] –

diýen bolsa, eziz uýasyna syrdaşy hökmünde başyna düşen pajygaly waka dogrusynda:

Zübeýda, naçarym diňle,
Kalbymda armanym galdy,
Kuýaşymdan akdyrdym gan,
Zemine bak, ganym galdy[2] –

diýip ýüzlenýär, derdini paýlaşýar.

Beýik akyldar diňe bir öz uýasy, magşugy hakda däl, eýsem ähli aýal-gyzlaryň jemgyýetde tutýan ornuna, gymmatyna ýokary sarpa goýupdyr. Ol gelin-gyzlarsyz durmuşyň manysynyň ýokdugyny syngy nazary bilen dogruçyl beýan etmegiň hötdesinden gelipdir:

Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama,
Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa.[3]

Ussat şahyryň gözel ýar, asylly, wepaly edepli maşgala baradaky garaýyşlary, «Durasyň geler», «Ýör biläni», «Söwüş bile», «Bu dahana», «Söz manysyn bilmegińçe» ýaly onlarça şygyrlarynda öz beýanyny tapypdyr. Ol şygyrlar häli-häzire çenli öz ähmiýetini ýitirmän, baý ruhy gymmatlyk bolup, halkyna hyzmat edýär.

Akyldar şahyr döredijiliginde bilime, sowatlylyga aýratyn ähmiýet beripdir. Çünki bilimli, sowatly, hünärli adamlar bilen gatnaşyk etmegiň hem özboluşly medeniýeti, lezzeti bolýar. Ine, şonuň üçinem beýik ussat bu hakda:

---

[1] Şol ýerde, I jilt, 180 s.
[2] Şol ýerde, I jilt, 186 s.
[3] Şol ýerde, I jilt, 410 s.

Kitap gören gullar magnydan dokdur,
Olaryň kalbynda şeýtan bolarmy?[1] –

diýmek bilen kitap okan adamlaryň gözýetiminiň, düşünjesiniň giňdigini beýan edýär. Şahyr bu pikirini dowam etdirip:

Alymlara uýsaň, açylar gözüň,
Jahyllara uýsaň, kör dek bolar sen[2] –

diýip öwüt berýär. Köp okamak bilen ynsan kalbyny tämizleýär, ýokary ahlak häsiýetlerine kybap gelýän iň gowy gözel häsiýetleri özünde ornaşdyrýar. Asyllylyk, oýlanyp hereket etmek ýaly oňyn häsiýetler ýüze çykýar.

Beýik akyldaryň durmuşyň köp meselelerini öz içine alýan ajaýyp şygyrlary diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem dünýä halklarynyň kalbynda orun alypdyr. Muňa görnükli gyrgyz ýazyjysy Çingiz Aýtmatowyň çyn ýürekden çykan sözleri hem şaýatlyk edýär: «Häzir Magtymgulynyň ady köp dillerde, şiwelerde ýaňlanýar. Onuň pikirleri, onuň owazy özüniň bar wagtyndaky şöhratyndan hem meşhurlygyndan kän esse artdy, kän dereje ýokary galdy. Häzir hakykatdanam, gymmatly zatlaryň ählisi pähim edýän jemgyýetçiliginiň hemmesiniň umumy medeni baýlygyna öwrülýär. Magtymgulynyň sözleriniň biziň günlerimize gelip ýetmegi türkmen halkynyň edermenligidir»[3].

Parasatly söz ussadynyň köp taraply ölmez-ýitmez döredijiligi halklaryň kalbyna barha nur saçýar.

[1] Şol ýerde, I jilt, 407 s.
[2] Şol ýerde, I jilt, 420 s.
[3] «Edebiýat we sungat» gazeti, 1983.